**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**
**TÜRKMEN DÖWLET MALIÝE INSTITUTY**

**TASSYKLAÝARYN**
**Türkmen döwlet maliýe institutynyň**
**rektory ____________ B.M.Taňryberdiýew**
**2025-nji ýylyň ________ aýynyň ____**

**Türkmen döwlet maliýe institutynyň guramagynda**
**ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda geçirilýän**
**«Bitaraplyk ýoly – parahatçylygyň we ynanyşmagyň ýoly» atly**
**onlaýn bilim bäsleşiginiň**
**DÜZGÜNNAMASY**

Milli taryhymyzyň ajaýyplyklar bilen doly sahypalaryna nazar aýlanymyzda ata-babalarymyzyň goňşy döwletler hem-de halklar bilen dostluk-doganlyk gatnaşyklary ýola goýup, asuda ýaşaýyşa möhüm ähmiýet berendigine doly göz ýetirmek bolýar. Bitaraplyk düşünjesiniň esasynda hem halkymyza mahsus bolan parahatçylygy gorap saklamak, dostluk-doganlyk, ynanyşmak, asudalyk ýaly gymmatlyklar orun alýar. Bitaraplyk türkmen halkynyň şan-şöhrata beslenen beýik taryha, maddy we ruhy gymmatlyklara eýe bolan halkdygyndan habar berýär. Bu gün halkymyz türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly içeri hem-de daşary syýasatyna daýanyp, baky Bitaraplygyň eşretini görüp we duýup ýaşaýar.

Bitaraplyk ýurdumyza dünýäde we sebitde parahatçylygy gorap saklamaga saldamly goşant goşmaga, dünýä döwletleri bilen özara bähbitli syýasy, ykdysady we medeni gatnaşyklary ýola goýmaga mümkinçilik berdi. Türkmen halky Bitaraplygyň beren şeýle giň mümkinçiliklerine esaslanyp jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda uly ösüşlere eýe boldy. Ykdysadyýetde, syýasatda, medeniýetde we ylym-bilim ulgamynda düýpli özgertmeleri amala aşyrdy.

Ýurdumyz hemişelik Bitaraplyk derejesiniň uzak bolmadyk taryhynyň dowamynda dünýäde we sebitde parahatçylygy gorap saklamak babatda özüniň birnäçe oňyn başlangyçlary bilen çykyş etdi. Döwletimiziň parahatçylygy gorap saklamaga gönükdirilen şeýle oňyn halkara başlangyçlary dünýä döwletleri hem-de onuň iň abraýly halkara guramasy bolan Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan giňden goldanyldy. Türkmen Bitaraplygynyň parahatçylygy gorap saklamaga gönükdirilendigini ýurdumyzda 2015-nji ýylyň «Bitaraplyk we parahatçylyk» ýyly, 2020-nji ýylyň «Türkmenistan-Bitaraplygyň mekany» ýyly, 2021-nji ýylyň «Türkmenistan-parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýyly, 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi hem doly güwä geçýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde, ýurdumyz Bitarap döwlet hökmünde dünýäde we sebitde parahatçylygy gorap saklamak babatda örän möhüm işleri amala aşyrýar. Hut şonuň üçin hem 2007-nji ýylyň 10-njy dekabrynda ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat şäherinde Birleşen Milletler Guramasynyň Öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit merkezi açyldy. Bu ýagdaý hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň sebitde we dünýäde parahatçylygy üpjün etmekde Birleşen Milletler Guramasynyň iň esasy we ygtybarly hyzmatdaşy bolandygyny doly subut etdi.

Türkmenistanyň Bitaraplygy özüniň birnäçe aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Onuň iň esasy aýratynlygy bolsa dünýä bileleşiginiň iň abraýly guramasy bolan Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan hemişelik Bitarap döwlet hökmünde iki gezek, ýagny 1995-nji we 2015-nji ýyllarda ykrar edilendigidir.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýylynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllyk baýramy mynasybetli ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesini içgin öwrenmek, talyp ýaşlaryň bu babatdaky bilimini kämilleşdirmek hem-de gözýetimini giňeltmek maksady bilen, Türkmen döwlet maliýe institutynyň guramagynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda geçirilýän «Bitaraplyk ýoly – parahatçylygyň we ynanyşmagyň ýoly» atly onlaýn bilim bäsleşiginiň şu Düzgünnamasy işlenip taýýarlanyldy.

## 1. UMUMY DÜZGÜNLER

1.1. Düzgünnama Türkmen döwlet maliýe instituty tarapyndan geçirilýän «Bitaraplyk ýoly – parahatçylygyň we ynanyşmagyň ýoly» (mündan beýläk – Bäsleşik) atly onlaýn bilim bäsleşigini guramagyň we geçirmegiň kadalaşdyryjy resminamasy bolup durýar.

## 2. BÄSLEŞIGI GEÇIRMEGIŇ GURAMAÇYLYK ESASLARY

2.1. Bäsleşigi guramak we geçirmek boýunça işleri amala aşyrmak üçin Guramaçylyk topary döredilýär.

2.2. Guramaçylyk toparynyň düzümi Türkmen döwlet maliýe institutynyň rektorynyň buýrugy bilen tassyklanylýar.

2.3. Guramaçylyk topary bäsleşigi geçirmegiň esasy ýörelgelerini kesgitleýär hem-de bäsleşigi geçirmek boýunça guramaçylyk işleri alyp barýar.

## 3. BÄSLEŞIGIŇ MAKSADY WE WEZIPELERI

3.1. Bäsleşigiň maksady türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryan Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň eserlerinde we çykyşlarynda bitaraplyk barada neşir edilen kitaplarda beýan edilen maglumatlara esaslanyp talyp ýaşlara Bitaraplygyň görnüşleri, taryhy kökleri, Garaşsyz Türkmenistan

döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi barada bilim hem-de düşünje bermekden ybaratdyr.

3.2. Bäsleşigiň wezipesi türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň eserlerindäki we çykyşlaryndaky maglumatlar esasynda talyp ýaşlarda watana bolan söýgüni ösdürmekden, bitaraplyga bolan buýsanjy kemala getirmekden ybaratdyr.

## 4. BÄSLEŞIGIŇ TEST SOWALLARYNYŇ TEMATIKASY

4.1. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň eserlerinde we çykyşlarynda bitaraplygyň taryhy kökleri hem-de ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň aýratynlyklary;

4.2. «Halkara parahatçylyk we ynaýşmak» ýyly we onuň nyşany;

4.3. Halkara gatnaşyklarynda bitaraplyk syýasaty.

## 5. BÄSLEŞIGIŇ ŞERTLERI

5.1. Bäsleşige her ýokary okuw mekdebinden 5 (bäş) sany talyp gatnaşýar.

5.2. Bäsleşik türkmen dilinde geçirilýär.

5.2. Bäsleşige hödürlenilýän test sowallarynyň sany 60-dan ybaratdyr.

5.3. Test sowallaryny jogaplandyrmaga 1 sagat wagt berilýär.

5.4. Bäsleşigiň dowamynda umumy düzgünleri berjaý etmek esasy talap bolup durýar.

5.5.Bäsleşigiň şertini bozan talyp Guramaçylyk topary tarapyndan gatnaşyjylaryň hataryndan aýrylýar.

## 6. BÄSLEŞIGI GEÇIRMEGIŇ TERTIBI

6.1. Bäsleşik 2025-nji ýylyň 17-nji martynda sagat 15:00-da başlanýar we sagat 16:00-da tamamlanýar.

6.2. Bäsleşik onlaýn ýagdaýda geçirilýär we Türkmen döwlet maliýe institutynyň sanly ulgam otagyndan dolandyrylýar.

6.3. Bäsleşige gijä galyp gatnaşan talyplara goşmaça wagt berilmeýär.

6.4. Bäsleşige hödürlenýän talyplaryň sanawy we olar baradaky maglumatlar 2025-nji ýylyň 15-nji martyna çenli goşundyda görkezilen nusga laýyklykda doly we dogry ýagdaýda **guychmyratsoltanmyradow@gmail.com** elektron poçta ugradylýar hem-de iberilen salga barandygy telefon arkaly habarlaşylyp anyklanylýar.

6.5. Bäsleşige gatnaşýan talyplaryň bilimleriniň netijesi sanly ulgam arkaly kesgitlenilýär.

## 7. BÄSLEŞIGIŇ ÝEŇIJILERINI SYLAGLAMAK

7.1. Bäsleşikde iň ýokary netije görkezen talyplar Türkmen döwlet maliýe institutynyň rektory tarapyndan I-II-III derejeli diplomlar bilen sylaglanylýar.

*Habarlaşmak üçin telefon belgiler:* +99365553366; +99365410055;+99363249950.
*Guramaçylyk topary*

*GOŞUNDY*

**Türkmen döwlet maliýe institutynyň guramagynda geçirilýän « Bitaraplyk ýoly-parahatçylygyň we ynanyşmagyň ýoly» atly onlaýn bilim bäsleşigine**

________________________________________________

(ýokary okuw mekdebiniň ady)

**gatnaşýan talyplar we olara ýolbaşçylyk edýän mugallymlar barada maglumat**

| T/B | Talybyň ady we familiýasy | Ýyly, hünäri (taýýarlyk ugry) | Elektron poçtasynyň salgysy | Telefon belgisi |
|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | |
| 2 | | | | |
| 3 | | | | |
| 4 | | | | |
| 5 | | | | |
| Jogapkär mugallymyň ady, familiýasy, telefony we elektron poçtasynyň salgysy | | | | |